# Demirel, Özal we Inönü…

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Demirel, Özal we Inönü… DEMIREL, ÖZAL WE INÖNÜ…

Öňki ýolbaşçylar henek atyşmagy gowy görýän degişgen adamlar eken…
Henek näme? Henek – hoşniýetlilik, adamlaryň biri-birlerine düşunişmegidir.
Türkiýäniň merhum Prezidenti Turgut Özal aşa semiz, Erdal Inönü bolsa inçemik, hor adam bolupdyr.
Baýramçylyk günleriniň birinde Turgut Özal Erdal Inönä:
– Seni gören ýurtda gytçylyk bardyr öýder, birazajyk iýjek bol, Erdal beý – diýenden, Erdal Inönü oňa jogabyny şapladypdyr:
– Hormatly Özal, seni görenem bu gytçylygyň sebäbine derrew düşüner!
Ýene bir baýramçylykda Süleýman Demirelden sorapdyrlar:
– Ýurduň ýagdaýyny bir söz bilen aýdyp bilersiňizmi?
Demirel:
– Bir söz aýtmaly bolsa «Gowy»! – diýýär we sözüniň üstüni ýetirýär: – Emma iki söz bilen aýtmaly bolsa «Gowy däl!»
Degişmeler